# DEŇLIK HATYNY ALMAK ÜÇIN BILIM GEŇEŞLIGIMIZE ÝÜZ TUTÝAN RAÝATLARYŇ DYKGATYNA

- Mundan öň deňlik haty üçin gerekli resminamalar e-denklik ulgamyna ýüklenilip, soňra nobat alnyp bilim geňeşligimize gelinýärdi we resminamalaryň dogrulygy geňeşligimiz tarapyndan barlanylýardy.
- Soňky girizilen üýgeşme arkaly deňlik haty üçin e-denklik ulgamyna ýüz tutýan raýatlarymyz ýene gerekli resminamalary ulgama ýüklemeli. Resminamalar Geňeşligimiz tarapyndan ygtyýarly işgärler tarapyndan **ulgam arkaly** seljerilýär.
- Seljerilen resminamalarda haýsydyr bir kemçilik ýa-da ýalňyşlyk tapylmadyk halatynda ýüztutma tassyklanylýar. Ulgam tassyklanan resminamalary nobat alyş ekranyna ugrukdyrýar, şondan soň ýüz tutan kişi nobat alyp bilýär.
- Ulgam arkaly barlaglarda resminamalarynda kemçilik/ýalňyşlyk ýüze çykarylan ýüztutmalar tassyklanmaýar, kemçilik ýa-da ýalňyşlyk ulgamda görkezilýär. Şol sebäpli ýüz tutan kişileriň öz ýüztutmalarynyň tassyklanyp tassyklanmandygyny barlap durmaklary zerurdyr.
- Görkezilen kemçilik/ýalňyşlyk giderilip, resminamalar täzeden ulgama ýüklense, Bilim Geňeşligimiziň ygtyýarly işgärleri resminamalary seljerýär, resminamalar laýyk diýlip hasaplansa, ýüztutma tassyklanýar we şondan soň nobat alyp bolýar.
- Gysgaça aýdanymyzda, nobat almak üçin resminamalary e-denklik ulgamyna dogry we kemçiliksiz görnüşde ýüklemeli. Resminamalar tassyklanandan soň ýüz tutan kişiler özlerine amatly sene we sagatlar üçin nobat alyp, bilim geňeşligimize (18 ýaşyndan kiçiler ene-atasy bilen) ýüz tutup bilerler.

**Dykgatyňyza ýetirilýär.**